#120 (142)
среда, 5 апреля 2023 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-0nji ýylyň 31-nji martynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň durmuşynda örän möhüm syýasy çäre bolan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň jemlerine seredildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibini yglan edip, ilki bilen, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň başlygy G.Myradowa söz berdi. Ol şu ýylyň 26-njy martynda geçirilen Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň jemleri barada habar berdi.

Merkezi saýlaw toparynyň ýolbaşçysy bu jemgyýetçilik-syýasy çärä taýýarlyk görmek we guramaçylykly geçirmek boýunça ýerine ýetirilen giň gerimli işler barada habar berip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda saýlawlary demokratik ýörelgelere, milli kanunlarymyza, halkara kadalara laýyklykda geçirmek üçin ähli zerur şertleriň döredilendigini aýtdy. Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary boýunça 258, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary boýunça 2516, Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça 12098 dalaşgär bellige alyndy. Bellenilişi ýaly, dalaşgärlere wagyz işlerini geçirmek üçin deň şertler döredildi. Saýlawlar gününde saýlaw uçastoklarynda ses berlişi onlaýn tertipde göni görkezildi.

Saýlawlaryň geçirilişine milli synçylaryň 3 müňe golaýy, şeýle hem Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Türki Döwletleriň Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly halkara guramalaryň wekilleri synetdiler. Halkara guramalar tarapyndan geçirilen brifinglerde Türkmenistanda saýlawlaryň açyklyk we aýanlyk ýagdaýynda, bäsleşikli esasda, guramaçylykly geçirilendigi aýratyn bellenildi.

Merkezi saýlaw toparynyň ýolbaşçysy saýlawlaryň netijeleri barada aýdyp, Türkmenistan boýunça jemi 3 million 496 müň 368 saýlawçydan 3 million 185 müň 935-siniň ses berip, 91,12 göterim gatnaşygyň bolandygyny habar berdi. Ýurdumyz boýunça 125 adam Mejlisiň deputatlygyna, 240 adam welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna, 960 adam etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna, 5897 adam Geňeşleriň agzalygyna saýlandy. Bellenilişi ýaly, Mejlisiň saýlanan deputatlarynyň 26 göterime golaýy (25,60 göterim) zenanlar bolup durýar. Welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň 29 göterime golaýynyň (28,75 göterim), etrap halk maslahatlarynyň agzalarynyň 30 göterime golaýynyň (29,58 göterim), Geňeş agzalarynyň 28 göteriminiň zenanlar bolmagy ýurdumyzda zenanlaryň uly hormat-sarpa eýedigini görkezýär.

Nygtalyşy ýaly, şu ýylyň 29-njy martynda merkezi saýlaw toparynyň mejlisi geçirildi we 7222 okrugyň ählisinde saýlawlar Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirildi diýlip ykrar edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow merkezi saýlaw toparynyň ýolbaşçysyna ýüzlenip, ýurdumyzda saýlawlaryň ýokary derejede geçirilendigini kanagatlanma bilen belledi we bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäräni taýýarlamaga we geçirmäge işjeň gatnaşan adamlaryň ählisine minnetdarlyk bildirmegi tabşyrdy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz saýlawlar bilen bagly geçirilen işleri düýpli seljerip, has-da kämilleşdirmek üçin ýakyn wagtda teklipleri bermek barada görkezmeleri berdi. Şol teklipler öwreniler, kanunçylyga degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky meselä serediler.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa 26-njy martda geçirilen Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň jemleri barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, saýlawlar ýurdumyzyň ähli ýerlerinde baýramçylyk, ruhubelentlik we işjeňlik ýagdaýynda geçdi. Saýlaw uçastoklarynda adamlaryň raýatlyk borjuny ýerine ýetirmekleri üçin ähli şertler döredildi. Saýlaw kodeksine hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda geçirilen saýlawlarda türkmenistanlylar ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda we beýleki ulgamlarynda zähmet çekýän iň mynasyp wekillere özleriniň seslerini berdiler.

Bäsdeşlik, açyklyk we aýanlyk ýagdaýynda geçen saýlawlar ýurdumyzyň syýasy ulgamynyň kämilligini, adamlaryň özleriniň raýatlyk borjuna wepalydyklaryny, hukuk medeniýetiniň ýokarydygyny, hormatly Prezidentimiziň öňe süren "Watan diňe halky bilen Watandyr!" diýen şygarynyň raýatlarymyzy jebisleşdirýän, olary täze maksatlara ruhlandyrýan güýçdügini ýene-de bir gezek bütin aýdyňlygy bilen görkezdi.

Kanun çykaryjylyk işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek barada öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, Mejlisde degişli işler amala aşyrylýar. Soňky döwürde "Arkadag şäheri hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, şeýle hem "Arkadag şäherinde gurlan bilim, saglygy goraýyş, medeniýet edaralaryna we sungat binasyna türkmen halkynyň görnükli şahsyýetleriniň atlaryny dakmak hakynda" we "Arkadag şäherinde täze etraplary döretmek hakynda" Mejlisiň kararlary kabul edilip, olar metbugatda çap edildi we ilatyň dykgatyna ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Mejlisiniň 6-njy çagyrylyşynyň deputatlarynyň kanun çykaryjylyk işine ýokary baha berip, olara minnetdarlyk sözlerini beýan etdi hem-de milli parlamentiň ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça işleri mundan beýläk-de dowam etdirjekdigini belledi. Hormatly Prezidentimiz ses bermäge gatnaşan ähli raýatlarymyza minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyz geçirilen saýlawlaryň netijeleriniň uly ähmiýetini belläp, raýat jemgyýetiniň kanunçylyk binýadynyň döredilmeginiň saýlawlary giň bäsdeşlik esasynda geçirmäge mümkinçilik berendigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz milli parlamentiň täze saýlanan deputatlarynyň tizden öz wezipelerine girişmekleri üçin Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň birinji maslahatynyň 6-njy aprelde paýtagtymyzdaky Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde geçiriljekdigini aýtdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ВИЦЕ-ПРЕЗИДЕНТА ОБЪЕДИНЁННЫХ АРАБСКИХ ЭМИРАТОВ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Шейху Мансуру бин Зайед Аль Нахайяну в связи с его назначением на должность Вице-президента Объединённых Арабских Эмиратов.

«Мы высоко оцениваем налаженное эффективное сотрудничество между Туркменистаном и Объединёнными Арабскими Эмиратами. В настоящее время наши двусторонние отношения развиваются по различным направлениям, наполняясь новым содержанием. Совершаемые на высшем уровне взаимные визиты и проводимые в их рамках переговоры придают импульс ещё большей активизации нашего сотрудничества», – отметил в своём послании Президент Сердар Бердымухамедов.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Вице-президенту Шейху Мансуру бин Зайед Аль Нахайяну признательность за вносимый личный вклад в развитие туркмено-эмиратских отношений, выразив твёрдую уверенность, что в новой должности сотрудничество будет и далее расширяться, а также выразил искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов на высоком государственном посту.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ НАСЛЕДНОГО ПРИНЦА АБУ-ДАБИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Шейху Халеду бин Мохаммеду бин Зайед Аль Нахайяну в связи с его назначением в качестве Наследного принца Абу-Даби.

«Традиционно братские отношения между Туркменистаном и Объединёнными Арабскими Эмиратами отличаются высоким уровнем взаимопонимания и тесного сотрудничест¬ва», – отметил в своём послании Президент Сердар Бердымухамедов, выразив твёрдую уверенность, что эти отношения будут и впредь развиваться и крепнуть в интересах наших народов.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Наследному принцу Абу-Даби Шейху Халеду бин Мохаммеду бин Зайед Аль Нахайяну искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в благородных начинаниях.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ВИЦЕ-ПРЕЗИДЕНТА ОБЪЕДИНЁННЫХ АРАБСКИХ ЭМИРАТОВ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Шейху Мансуру бин Зайед Аль Нахайяну в связи с его назначением на должность Вице-президента Объединённых Арабских Эмиратов.

«Отношения между Туркменистаном и Объединёнными Арабскими Эмиратами отличаются высокой динамикой развития и доверием. В этом контексте налаженные в ходе проведённых переговоров отношения в рамках состоявшегося в феврале этого года моего визита в вашу прекрасную страну подтверждают нашу приверженность развитию сотрудничества по различным направле¬ниям», – отметил в своём послании Герой-Аркадаг, выразив твёрдую уверенность, что назначение Шейха Мансура бин Зайед Аль Нахайяна на новую должность обусловит большой прогресс Эмиратов и дальнейшее укрепление туркмено-эмиратских отношений.

Пользуясь этой возможностью, Нацио¬нальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов выразил Вице-президенту Объединённых Арабских Эмиратов Шейху Мансуру бин Зайед Аль Нахайяну искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов на высоком государственном посту.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ НАСЛЕДНОГО ПРИНЦА АБУ-ДАБИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Шейху Халеду бин Мохаммеду бин Зайед Аль Нахайяну в связи с его назначением в качестве Наследного принца Абу-Даби.

«Мы высоко оцениваем налаженные отношения между Туркменистаном и Объединёнными Арабскими Эмиратами», – отметил в своём послании Герой-Аркадаг, выразив твёрдую уверенность, что многостороннее сотрудничество будет и впредь развиваться и укрепляться.

Пользуясь этой возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов выразил Наследному принцу Абу-Даби Шейху Халеду бин Мохаммеду бин Зайед Аль Нахайяну искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов во всех начинаниях.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

orunbasary H.Geldimyradow 26-njy martda geçirilen Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, saýlaw kanunçylygyna laýyklykda, jemgyýetçilik-syýasy çärä ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň edaralaryndan hem dalaşgärler gatnaşdylar. Toplumyň Aşgabat şäherindäki we welaýatlardaky düzüm birliklerinde saýlaw uçastoklary döredildi hem-de olaryň işi berk gözegçilikde saklandy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Begliýew ýurdumyzda geçirilen möhüm syýasy-jemgyýetçilik çäresiniň — Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň jemleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, saýlawlary açyklyk we aýanlyk ýagdaýynda, ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek maksady bilen, degişli çäreler geçirildi. Nebitgaz pudagynyň kärhanalarynda döredilen saýlaw uçastoklary ýangyç-energetika toplumynyň işgärleriniň bu möhüm çärä guramaçylykly we işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek üçin zerur enjamlar bilen enjamlaşdyryldy.

Nebitgaz toplumyna degişli pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we olaryň garamagyndaky edara-kärhanalaryň işgärleri bu möhüm syýasy-jemgyýetçilik çäresine gatnaşyp, mynasyp dalaşgärlere öz seslerini berdiler. Şeýle hem gatnaw usulynda zähmet çekýän işgärleriň ses bermekleri üçin ähli şertler döredildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäre bolan Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwlet syýasatynyň esasyny düzýän demokratik özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen jemgyýetinde milli demokratik ýörelgeler has-da berkidilýär. Giň bäsdeşlik we milli kanunçylygyň, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda üstünlikli geçirilen saýlawlara oba hojalyk toplumynyň garamagyndaky pudaklarda zähmet çekýän raýatlarymyz hem işjeň gatnaşyp, özleriniň seslerini mynasyp dalaşgärlere berdiler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurluşyk we senagat toplumynyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem Aşgabat şäheriniň häkimligi tarapyndan Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny guramak boýunça ýerine ýetiren işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, saýlawlara taýýarlyk işleri giň gerimde alnyp baryldy. Olary ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek üçin ähli şertler döredildi. Bu möhüm syýasy çäräni ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek maksady bilen, saýlaw uçastoklary zerur bolan enjamlar we serişdeler, döwrebap aragatnaşyk ulgamy, usuly gollanmalar bilen doly üpjün edildi. Energetika ministrligi tarapyndan saýlawlaryň geçirilýän günlerinde çäreleriň geçjek ýerlerini ygtybarly elektrik energiýasy bilen üpjün etmek boýunça zerur işler durmuşa geçirildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew ýurdumyzda Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça gözegçilik edýän düzümleri tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanymyzyň görkezmelerine laýyklykda, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň garamagyndaky kärhanalar tarapyndan paýtagtymyzdaky hem-de welaýatlardaky saýlaw uçastoklarynda raýatlara söwda we beýleki hyzmatlary bermek boýunça göçme söwda nokatlary döredildi.

Şeýle hem Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar, Dokma senagaty ministrlikleriniň garamagyndaky edara-kärhanalarda döredilen saýlaw uçastoklarynda raýatlarymyzyň ses bermekleri üçin ähli zerur şertler döredildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän düzümleriniň saýlawlara gatnaşygy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk görlüşi baradaky maglumatlar teleradioýaýlymlarda, metbugat neşirlerinde we internet saýtlarynda yzygiderli berildi.

Taýýarlanylan gepleşikler we metbugatda çap edilen makalalardyr habarlar arkaly watandaşlarymyz bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çärä işjeň gatnaşmaga çagyryldy. Şeýle-de zerur bolan dürli neşir önümleri öz wagtynda çap edildi. Saýlaw uçastoklarynyň çäkleri, dalaşgärler baradaky maglumatlar bellenilen möhletinde merkezi, Aşgabat şäher we welaýat gazetlerinde çap edildi. Şeýle hem dalaşgärleriň teleradioýaýlymlarda maksatnamalaýyn çykyş etmekleri üçin mümkinçilikler döredildi.

Milli däplerimize laýyklykda, saýlaw uçastoklarynyň ählisinde döredijilik toparlarynyň aýdym-sazly çykyşlary guraldy. Saýlawlaryň geçişi köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden beýan edildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow 26-njy martda geçirilen Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň çäklerinde bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlary, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan geçirilen çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, saýlawlaryň guramaçylykly geçirilmegi hem-de olara saýlawçylaryň işjeň gatnaşmagy üçin ähli şertler döredildi.

Möhüm syýasy-jemgyýetçilik çäresine ýaşlar hem işjeň gatnaşdylar. Saýlawlar gününe çenli 18 ýaşyny dolduran, ilkinji gezek ses beren ýaş saýlawçylara ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy. Ýurdumyzyň syýasy partiýalary we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan hödürlenen milli synçylar halkara synçylar bilen bilelikde saýlawlaryň hereket edýän milli kanunçylyga hem-de halkara kadalara laýyklykda, açyklyk, aýanlyk ýagdaýynda, demokratik ýörelgeler we bäsdeşlik esasynda geçirilişine syn etdiler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilişi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän syýasaty netijesinde, ähli ulgamlarda giň gerimli özgertmeler ýaýbaňlandyryldy. Türkmen döwletiniň we jemgyýetiniň demokratik esaslary yzygiderli pugtalandyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, ýokarda agzalan möhüm syýasy-jemgyýetçilik çäresiniň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, milli kanunçylyga we halkara hukugyň kadalaryna laýyklykda, aýanlyk, açyklyk we bäsdeşlik esasynda geçirilendigi bellenildi. Bu ugurda Daşary işler ministrligi tarapyndan degişli işler amala aşyryldy.

Saýlawlara syn etmäge Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyndan, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasyndan, Türki Döwletleriň Guramasyndan, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyndan we Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyndan, şeýle hem goňşy döwletlerden halkara synçylaryň jemi 60-sy gatnaşdy. Mundan başga-da, bu saýlawlara Türkmenistanda işleýän daşary ýurtly diplomatlardan jemi 32 wekil synçy hökmünde gatnaşdy. Saýlawlary beýan etmek işine daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habarçylary hem gatnaşdylar.

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň ýanynda jemi 42 saýlaw uçastogy döredildi. Olarda şu döwürde daşary ýurtlarda bolan ýurdumyzyň raýatlarynyň konstitusion hukuklaryny berjaý edip bilmekleri üçin ähli şertler döredildi. Saýlawlara raýatlarymyz işjeň gatnaşdylar. Jemleýji brifinglerde hem-de söhbetdeşliklerde halkara synçylar we daşary ýurtly žurnalistler saýlawlaryň ýokary guramaçylyk derejesini, olaryň açyklyk, demokratik, giň bäsdeşlik esasynda üstünlikli geçirilendigini bellediler.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümleri tarapyndan jemgyýetiň demokratik esaslaryny pugtalandyrmak, şol sanda şu ýylyň 26-njy martyndaky möhüm syýasy-jemgyýetçilik çäresiniň — Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň geçişi barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, saýlawlar gününde ýurdumyzyň paýtagtynda, welaýat merkezlerinde, şäherlerde we etraplarda jemgyýetçilik ulaglarynyň sazlaşykly işi ýola goýuldy.

Şeýle hem häzirki zaman tehnologiýalaryna laýyklykda, merkezi saýlaw toparynyň web saýtynda saýlaw uçastoklaryndaky ses bermek çäresi sanly ulgam arkaly görkezildi.

Ahal welaýatynyň häkimi Ý.Gurbanow saýlawlary guramaçylykly geçirmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Saýlawlar Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we saýlaw kanunçylygyna laýyklykda geçirildi. Welaýatda 365 saýlaw uçastogy döredildi. Saýlaw uçastoklarynda göçme söwda nokatlary guraldy we döredijilik toparlarynyň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Halkara synçylara saýlawlaryň geçirilişi bilen içgin tanyşmaga, saýlaw toparlarynyň agzalary we dalaşgärler bilen duşuşmaga mümkinçilik döredildi.

Balkan welaýatynyň häkimi T.Atahallyýew bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäräniň geçirilişi, hususan-da, ony demokratik ýörelgeler, milli kanunçylygyň we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda guramak boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Habar berlişi ýaly, tutuş welaýat boýunça 652 saýlaw okrugy we degişli enjamlar bilen üpjün edilen saýlaw uçastoklarynyň 272-si döredildi. Saýlawlar milli demokratik ýörelgeler esasynda, dabaraly ýagdaýda, saýlawçylaryň işjeň gatnaşmagynda geçirildi.

Soňra Daşoguz welaýatynyň häkimi N.Nazarmyradow saýlawlary ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek maksady bilen ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi. Welaýat boýunça 536 saýlaw uçastogy döredildi. Şeýle hem Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň bellenen meýilnama we saýlaw kanunçylygyna laýyklykda geçirilendigi bellenildi.

Soňra Lebap welaýatynyň häkimi Ş.Amangeldiýew Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilişi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäre welaýatda dabaraly ýagdaýda, milli kanunçylyga laýyklykda, demokratik ýörelgeler esasynda, saýlawçylaryň işjeň gatnaşmagynda geçirildi. Welaýat boýunça saýlaw uçastoklarynyň 567-si döredildi. Şeýle hem möhletinden öň ses bermek üçin mümkinçilikler döredildi. Saýlawlara milli we halkara synçylar syn etdiler. Olar saýlawlaryň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilendigini bellediler.

Soňra Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew saýlawlaryň geçirilişi barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Mary welaýatynda saýlawlar degişli kanunçylyga laýyklykda, uly ruhubelentlik we aýanlyk ýagdaýynda, demokratik esasda, saýlawçylaryň işjeň gatnaşmagynda geçirildi. Ses bermek çäresi welaýatda döredilen 550 saýlaw uçastogynda geçirildi. Saýlawlara milli we halkara synçylar syn etdiler. Olar şu gezekki saýlawlaryň geçirilişine ýokary baha berdiler. Daşary ýurtly myhmanlar üçin welaýatyň taryhy-medeni künjeklerine gezelençler guraldy.

Aşgabat şäheriniň häkimi R.Gandymow saýlawlaryň dabaraly ýagdaýda, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda geçendigi barada hasabat berdi. Aşgabat şäherinde 312 saýlaw uçastogy döredildi. Saýlawlar ýurdumyzda hereket edýän kanunçylyga hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, uly ruhubelentlik ýagdaýynda, ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi. Saýlaw uçastoklarynda sungat ussatlarynyň gatnaşmagynda aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy. Ilkinji gezek ses bermäge gatnaşan raýatlara ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň jemini jemläp, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça ýerine ýetirilen toplumlaýyn işlere kanagatlanma bildirip, açyklyk we aýanlyk ýagdaýynda, demokratik ýörelgeler esasynda geçen saýlawlaryň degişli derejede guralandygy üçin mejlise gatnaşyjylara minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisini tamamlap, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY TÜRKIÝÄNIŇ PALATALAR WE BIRŽALAR BIRLEŞIGINIŇ BAŞLYGY BILEN DUŞUŞDY



2023-nji ýylyň 4-nji aprelinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyoglu bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda iki ýurduň arasynda haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak we bu ugurda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri türk işewürliginiň wekilini sahawatly türkmen topragynda görýändigine şatdygyny aýdyp, doganlyk ýurtda bolup geçen pajygaly ýertitreme zerarly ýene-de bir gezek çuňňur gynanjyny beýan etdi.

Myhman Gahryman Arkadagymyza duýgudaşlyk hem-de berlen kömek üçin tüýs ýürekden sagbolsun aýtdy, şeýle hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm ugurlary boýunça pikir alyşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirdi.

Rifat Hisarjyklyoglu türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň iberen mähirli sözleri we gutlag haty, şeýle-de Türkiýäniň ekologik ähmiýetli başlangyjyny goldandygy üçin Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň hormatly Arkadagymyza çuňňur hoşallygyny ýetirdi.

Bellenilişi ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň wise-başlygy hökmünde Türkmenistanyň başlyklyk etmeginde geçirilen maslahata Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň maşgalasy Emine Ärdoganyň we ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysynyň orunbasary M.Bäşimowanyň gatnaşmagy we olaryň maslahatyň dowamyndaky taryhy ähmiýetli çykyşlary doganlyk ýurtlaryň zenanlarynyň dünýä ähmiýetli meselelerde işjeň orny eýeleýändiklerini görkezýär. Türkiýe Respublikasynyň "nol zyňyndy" başlangyjy Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň möhüm şerti hökmünde ykrar edildi. Munuň özi iki ýurduň arasynda birek-biregiň oňyn başlangyçlaryny goldamak ýaly asylly ýörelgeleriň rowaçlanýandygynyň aýdyň beýanydyr.

Gahryman Arkadagymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Türkiýe Respublikasynyň Prezidentine özüniň iň gowy arzuwlaryny aýtdy we iki doganlyk ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ýokary derejede geçirilýän gepleşikleriň, gazanylýan ylalaşyklaryň netijesinde ösüşiň hil taýdan täze derejä çykýandygyny kanagatlanma bilen belledi.

Duşuşygyň dowamynda Milli Liderimiz Türkiýede ýakyn wagtda wajyp syýasy-jemgyýetçilik çäresiniň — Prezident saýlawlarynyň geçiriljekdigini belläp, Rejep Taýyp Ärdogana saýlawlarda üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Arkadagymyz syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň netijeliligini we ýylsaýyn yzygiderli ösdürilýändigini belledi.

Iki ýurduň bilelikdäki tagallalary esasynda bu gatnaşyklara täze itergi berildi. Dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda we iri möçberli bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmekde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparyna hem-de işewürlik geňeşine möhüm orun degişlidir.

Şol bir wagtyň özünde, ýer we suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleleriň häzirki döwrüň möhüm wezipesi bolup durýandygyny aýdyp, Gahryman Arkadagymyz bu ugra täzeçil tehnologiýalary, ylmyň gazananlaryny, sanly ulgamy ornaşdyrmagyň ugurlarynyň öwrenilmeginiň wajypdygyny belledi.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar




birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyoglu mübärek Oraza aýynda edilýän doga-dilegleriň kabul bolmagyny dileg edip, birek-biregi we iki ýurduň halklaryny mukaddes Oraza aýy bilen gutladylar hem-de ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de berkidiljekdigine ynam bildirdiler.

## В АШХАБАДЕ НАЧАЛА РАБОТУ ВЫСТАВКА ТОРГОВОГО КОМПЛЕКСА СТРАНЫ

в Торгово-промышленной палате открылась выставка торгового комплекса Туркменистана, призванная продемонстрировать достигнутые успехи и перспективы в наращивании объёмов производства отечественных товаров и расширении сферы услуг.

В торжественной церемонии открытия выставки приняли участие члены Правительства, руководители Меджлиса, министерств и ведомств, представители аккредитованных в Туркменистане дипломатических миссий и международных организаций, а также средств массовой информации.

В просторных залах экспоцентра царит оживлённая праздничная атмосфера. Музыкально-песенными композициями встречают участников и гостей смотра творческие коллективы.

С огромным вниманием собравшиеся заслушали приветственное Обращение Президента Сердара Бердымухамедова к участникам выставки. Как подчёркивается в послании главы государства, благодаря реализации масштабных реформ повышается конкурентоспособность нашей продукции, что способствует насыщению внутреннего рынка качественными товарами и расширению географии внешней торговли. Сегодня продукция с брендом «Произведено в Туркменистане», пользуясь высоким спросом на мировых рынках, является подтверждением неуклонно возрастающих экспортных возможностей нашей страны.

Нынешняя выставка – своего рода срез национальной торговой отрасли, по которому можно судить о тенденциях её развития, состоянии внутреннего рынка, экспортных возможностях производителей. Торговый комплекс – наглядный индикатор социального благополучия, сфера реального и повседневного взаимодействия производителей и потребителей. И в этом плане высокий уровень развития торговли и услуг – важнейший показатель успешности претворяемых в жизнь масштабных реформ, модернизации экономики.

В смотре приняли участие более ста предприятий и структур торгового комплекса, а также отечественные предприниматели.

Экспозиция знакомит посетителей с успехами представителей частного бизнеса в области торговли и услуг. Сегодня они открывают специализированные магазины, организуют свою работу по принципу франчайзинга.

Большая часть выставочного зала напоминает современный торговый комплекс, где разместились бакалейные ряды, пестрящие свежими овощами и фруктами прилавки, витрины с разнообразной продукцией отечественной пищевой промышленности, а также ковровыми, текстильными и иными изделиями.

Достижения в промышленном сегменте демонстрируют предприятия по производству подвесных потолков, железных профилей, композитных материалов, масляных и воздушных фильтров, аккумуляторов и т.д., такие, как «Ak bulut», «Sapaly jaý», «Şanly mekan», «Hindiwar», «Türkmen senagat» и др.

Здесь также можно увидеть произведения декоративно-прикладного искусства, изысканные ковры и ковровые изделия, созданные руками талантливых туркменских мастериц.

Смотр даёт возможность оценить достижения в текстильном и кожевенном производствах, в области традиционных ремёсел. Здесь представлены новинки текстильных комплексов Министерства текстильной промышленности, швейных фабрик страны.

Свои стенды подготовили и торговые дома Туркменистана в иностранных государствах. Следует отметить, что в последние годы были открыты торговые представительства нашей страны в Узбекистане, Турции, России, Беларуси и в ряде других государств. Осуществляемая через эти учреждения торговля высококачественной промышленной и сельскохозяйственной туркменской продукцией набирает обороты.

Во второй половине дня в Торгово-промышленной палате состоялась церемония запуска Портала торговой информации Туркменистана, разработанного с целью содействия вступлению нашей страны во Всемирную торговую организацию, в частности, выполнения протокола по упрощению процедур торговли.

Следует отметить, что проводимые Президентом Сердаром Бердымухамедовым социально-экономические преобразования, внедрение рыночных механизмов и принципов в деятельность народнохозяйственного комплекса способствуют прогрессу Отчизны, увеличению её экспортного потенциала. Это находит отражение и в беспрецедентном росте внутренней торговли, в которой сформировалась конкурентоспособная среда, ярко проявилась предпринимательская активность, эффективно применяются современные методы организации бизнеса и предоставления услуг.

Иными словами, нынешняя экспозиция – это стимул к достижению новых успехов, к реальным действиям, направленным на дальнейшее ускоренное развитие страны, приумножение её экономической мощи, процветанию нашего общества.

Завтра выставка продолжит свою работу. По её завершении участникам будут вручены соответствующие дипломы и сертификаты.

Иными словами, нынешняя экспозиция – это стимул к достижению новых успехов, к реальным действиям, направленным на дальнейшее ускоренное развитие страны, приумножение её экономической мощи, процветанию нашего общества.

Завтра выставка продолжит свою работу. По её завершении участникам будут вручены соответствующие дипломы и сертификаты.

Интернет газета
Международные новости

# HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝY – MILLI KANUNÇYLYGYŇ HALKARA HUKUK KADALARY BILEN SAZLAŞYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşine, ilatyň durmuş taýdan üpjünçiligine gönükdirilen hukuk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär. Milli kanunçylygy kämilleşdirmek, ony häzirki zamanyň talaplaryna we umumy kabul edilen halkara hukugynyň kadalaryna laýyk getirmek boýunça iri möçberli işler alnyp barylýar.

Döwletimiziň milli kanunçylyk ulgamy bilen birlikde, halkymyzyň jemgyýetçilik durmuşynda, däp-dessurynda, edep-terbiýe ulgamynda "bitaraplyk" taglymatynyň ýörelgelerini – hoşniýetli goňşuçylyk, islendik ýagdaýy parahatçylykly çözmek, adamkärçilik, ynsanperwerlik, adam hukuklaryny hormatlamak, asuda we abadan ýaşaýşy ähli zatdan ýokarda goýmak ýaly ýokary ahlak ölçeglerini görmek bolýar.

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletimiz dünýä jemgyýetçiliginiň doly hukukly agzasy bolmak bilen, halkara gatnaşyklarynyň gerimini dürli ulgamlar boýunça yzygiderli ösdürýär. Halkara hukugy nukdaýnazaryndan, döwletimiziň garaşsyzlyga eýe bolmagy halkymyzyň öz ykbalyny kesgitlemäge bolan mizemez hukugynyň amala aşyrylmagyny alamatlandyrýar.

Ýurdumyz dünýä bileleşigi tarapyndan kabul edilen we halkara hukuk kadalarynda bellenilen adamyň we raýatyň esasy demokratik hukuklaryny hem azatlyklaryny ykrar edýär we hormatlaýar, olaryň netijeli amala aşyrylmagynyň syýasy, ykdysady, hukuk we beýleki kepilliklerini döredýär. Onuň şeýledigini berkarar döwletimiziň durmuş-ykdysady ulgamynda gazananlary doly tassyklaýar.

Şeýle hem, milli kanunçylygymyzda beýan edilişi ýaly, Bitarap Türkmenistan döwletimiz beýleki döwletler bilen olaryň medeniýetini, däplerini we adatlaryny hormatlamak esasynda öz gatnaşyklaryny guraýar hem ynsanperwer gatnaşyklara halklary ýakynlaşdyrmagyň, olaryň arasynda özara düşünişmegi çuňlaşdyrmagyň, dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň möhüm serişdesi hökmünde garaýar.

Bitaraplyk taglymatyny emele getirýän ýörelgeler we gymmatlyklar döwletimiziň Esasy Kanunyndan başlap, milli kanunçylyk ulgamynyň ähli hukuk namalarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň gazanylmagy we döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagy bilen, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ulgamlary bilen bir hatarda, döwletimiziň hukuk ulgamy we milli kanunçylyk binýady düýpgöter özgerdildi hem-de yzygiderli kämilleşdirildi, täze kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen üsti ýetirildi. Geçen döwrüň içinde ýurdumyzyň milli kanunçylygynyň ösüşini:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi we konstitusion kanunçylygyň kämilleşdirilmegi;
- kadalaşdyryjy kanunçylyk we hukuk namalaryň – kodeksleriň we kanunlaryň, Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy häsiýetli permanlarynyň we kararlarynyň kabul edilmegi hem-de yzygiderli üstüniň ýetirilmegi;
- kanunlardan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalar (düzgünnamalar, düzgünler, tertipler, gözükdirijiler we ş.m.) ulgamynyň düýpli kämilleşdirilmegi toparlaryna bölmek mümkindir.

Kadalaşdyryjy hukuk namasy – hukuk kadalaryny belleýän, olaryň hereketini üýtgedýän, togtadýan ýa-da bes edýän, ählihalk sala-salşygynda ýa-da ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilen kagyz göterijidäki resmi resminama ýa-da oňa barabar bolan bellenilen görnüşli elektron resminamadyr.

Kanundan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalar – kanunçylyk namalary we iýerarhiýa boýunça ýokarda durýan gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda ýa-da olary ýerine ýetirmek ýa-da mundan beýläk-de durmuşa geçirmek üçin kabul edilýän kanunçylyk namalary bolmadyk kadalaşdyryjy hukuk namalardyr.

Ýurdumyzyň hukuk (kanun, kada) döredijilik işi kanunylyk, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagy, adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, durmuş adalatlylygy, aýanlyk hem-de jemgyýetçilik pikirini hasaba almak ýörelgelerinde amala aşyrylýar.

Halkara hukugynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan adam hukuklarynyň goraglylygynyň üpjün edilmegi bilen bagly jenaýat, administratiw we raýat kanunçylygynyň hem kämilleşdirilendigi aýratyn bellärliklidir. Bu ugurdaky kadalaşdyryjy hukuk namalar Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynyň, Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda, Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara Paktlarynyň esasy taglymlaryny, ýörelgelerini öz içine alýar.

Halkara hukugynyň milli hukuga täsiri jähtden ýokary ähmiýetliligi bilen tapawutlanýan aýry-aýry konwensiýalary bellemek bolar. Mysal üçin, 1969-njy ýylyň Wena konwensiýasy "Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny işläp taýýarlamakda hukuk döredijilik işine täsir etdi. 1961-nji ýylyň Diplomatik gatnaşyklar hakynda we 1963-nji ýylyň Konsullyk gatnaşyklary hakynda Wena konwensiýalary diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralarynyň hukuk ýagdaýy hakynda kanunçylyk namalar üçin esas bolup hyzmat etdi. Türkmenistanyň hukuk ulgamynda adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary hakynda halkara hukugynyň kadalary esasy orunda durýar.

Hususan-da, adam hukuklarynyň goraglylygynyň üpjün edilmeginde döwlet häkimiýet edaralary bilen raýatlaryň, edaralaryň arasyndaky gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagynyň wajyplygyny ýüze çykýandygy nazara alnyp, bu ugurda döwlet derejesinde alnyp barylýan özgertmeleriň umumy kabul edilen halkara hukuk kadalarynyň, ýurdumyzyň goşulyşan halkara ylalaşyklarynyň, şertnamalarynyň we beýleki resminamalarynyň talaplaryny berjaý etmek bilen amala aşyrylýandygyny görmek bolýar. Düýpli özgertmeler döwlet we raýat gatnaşyklarynda esasy orun tutýan administratiw kanunçylygynda amala aşyryldy.

"Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň Administratiw iş ýörediş kodeksi administratiw edaralaryň we kazyýet edaralarynyň işinde esas goýujy ähmiýete eýedir hem-de kanunyň hökmürowanlygyny üpjün etmäge gönükdirilen wajyp ädimdir.

Türkmenistanda administratiw kanunçylygyň ösüşi öwrenilende, hukuk ulgamynda "administratiw hukuk gatnaşyklary" diýen düşünjä täze çemeleşmäniň emele gelendigine, şunda adam gymmatlygynyň we onuň hukuklarynyň goraglylygynyň wajyp ornuna göz ýetirmek bolýar. Munuň özi Türkmenistanyň goşulyşan halkara ylalaşyklarynyň kadalarynyň milli kanunçylyga ornaşdyrylyşynyň netijeli alnyp barylýandygyny subut edýär.

Adam hukuklarynyň Ählumumy Jarnamasynyň, Raýatlyk we syýasy hukuklar hakynda halkara Paktynyň kadalaryndan gelip çykyşyna görä, her bir adamyň kanun esasynda berlen hukuklary, şol sanda administratiw hukuk gatnaşyklary çygryndaky hukuklary bozulan halatynda kazyýete ýüz tutmak bilen hukugynyň dikeldilmegini we zerur halatlarda maddy taýdan öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukugy bardyr. Oňa görä-de, administratiw hukuk gatnaşyklary çygrynda ýüze çykýan hukuklaryň goragynyň üpjün edilmegi degişli şertleriň, usullaryň işlenilip düzülmegini we onuň hukuk esaslarynyň milli derejede berkidilmegini talap edýär.

Halkara şertnamalar halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň möhüm serişdeleriniň biri bolmak bilen, döwlet we döwlete degişli bolmadyk guramalaryň gatnaşmagynda, şeýle hem milli hukugyň subýektleriniň, şol sanda fiziki şahslaryň gatnaşmagynda halkara gatnaşyklaryň giňelmegine ýardam berýär hem-de adam hukuklaryny goramagyň we kanun tarapyndan goralýan bähbitleriň üpjün edilmeginiň kepili hökmünde çykyş edýär.

Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary we ýörelgeleri bilen sazlaşýan hem-de milli özboluşlylygy özünde jemleýän milli kanunçylygymyzda kesgitlenen adam hukuklarynyň türkmen halkyna mahsus bolan ynsanperwerlik, adalatlylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, rehimlilik, myhmansöýerlik ýaly häsiýetler bilen berk baglylygy ýurdumyzyň hukuk ulgamyndaky özgertmeleriň durmuşa geçirilmeginiň netijeliligini şertlendirýär.

Umumy ykrar edilen halkara kadalaryny we ýörelgelerini administratiw kanunçylygyna ornaşdyrmak; jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan kadalaşdyrmakda Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň ornuny artdyrmak; kanun çykaryjylyk we hukuk ulanyş ulgamynda döwletara, hökümetara we beýleki halkara şertnamalaryň we resminamalaryň ulanylmagyny giňeltmek bilen bagly işler halkara hukugynyň kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmagyň möhüm ugurlarydyr.

Türkmenistanda adam hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmegiň, üpjün etmegiň we goramagyň döwlet ulgamyny pugtalandyrmak, şeýle hem adam hukuklary ulgamynda Türkmenistanyň halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek we ynsanperwer ulgamda halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça degişli işleri ulgamlaýyn esasda alyp barmak maksady bilen, «Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasynyň» tassyklanmagy we durmuşa geçirilmegi ýurdumyzda amala aşyrylýan demokratik özgertmeleri goldamaga, adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goragynyň ýokary derejede üpjün edilmegine gönükdirilendir. Meýilnamada beýleki wajyp ugurlar bilen bir hatarda adyl kazyýetligiň elýeterliligi, açyklygy we aýanlygy bilen bagly wajyp çärelere hem aýratyn orun berilýär. Munuň özi, ýurdumyzda adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goragynyň netijeli görnüşi bolan kazyýet goragynyň konstitusion derejede ykrar edilýändiginden ugur alýar we kazyýet edaralarynyň işiniň kämilleşdirilmegine möhüm ähmiýet berilýändigine şaýatlyk edýär. Hereketleriň Meýilnamasynda hukuk ulgamyny, şol sanda kazyýet ulgamynyň, hukuk goraýjy edaralaryň we adwokaturanyň işiniň kämilleşdirilmegi boýunça wezipeler kesgitlenilendir.

Arkadagly Serdarymyzyň belleýşi ýaly, Türkmenistan hoşniýetli goňşuçylyga, özara hormatlamaga we deňhukuklylyga, dünýäniň ähli ýurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga esaslanan Bitaraplyk syýasatyny dowam eder. Biziň döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeler, anyk aýdylanda bolsa Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek, hoşniýetli, dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmek, durnukly ösüşi üpjün etmek geljekde hem Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolar.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gözbaş alýan, milli kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmek, adam hukuklaryny we azatlyklaryny ýokary derejede üpjün etmek hem-de goramak babatda barha uly üstünlikler bilen amala aşyrylýan durmuş-ynsanperwer mazmunly döwlet syýasaty Garaşsyz Watanymyzyň mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn gülläp ösüşiniň, halkara derejesinde abraýynyň ýokary galmagynyň hem-de halkymyzyň asuda, abadan we bagtyýar durmuşynyň kepilidir.

***Bahar BERDİÝEWA,***
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Balkan welaýaty boýunça wekilhanasy.**

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Туркменистан приобрел мобильные буровые установки из Китая***

Для ускорения разработки нефтегазовых месторождений Туркменистан приобрел новые мобильные буровые установки китайского производства, сообщает Агенство «Туркменавтоулаглары» Агенства транспорта и коммуникаций при Кабинете Министров Туркменистана. Современные машины серии XJ 450 и XJ 650 уже находятся на месторождениях Балканского региона – «Барсагелмез» и «Готурдепе».

Новую технику, оснащенную необходимым оборудованием для автономной работы, планируется использовать для бурения новых скважин и капитального ремонта старых. Она позволит осуществить эти работы в течение не более 20 дней.

***Туркменское посольство в Казахстане объявило конкурс чтецов к 300-летию Махтумкули***

Посольство Туркменистана в Казахстане объявило о проведении конкурса чтецов на туркменском, казахском, русском и английском языках среди студенческой молодежи, сообщается на сайте диппредставительства. Главная цель открытого конкурса, посвященного 300-летию со дня рождения Махтумкули Фраги, — выявить самых заметных исполнителей творчества туркменского классика.

Чтецы должны раскрыть художественный замысел автора в знаменитом стихотворении Türkmeniň и правильно применить средства выразительного чтения. По итогам конкурса будут определены 3 лауреата. Заявки на участие будут приниматься с 5 апреля по 15 мая 2023 года. Победителям будут вручены дипломы, которые вручат в торжественной обстановке в вузах победителей.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***